# Zaňňar näme?

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Zaňňar näme? ZAŇŇAR NÄME?




Zaňňar diýen sözi eşidensiňiz, eger eşitmedik bolsaňyz «Görogly» eposynda okansyňyz. Bu söz häzir biraz arhaizmleşdi. Käte ýaşy gartaşan adamlar ulanaýmasa, gündelik durmuşda ulanylmaýar diýen ýaly.
Sypatlandyrma hökmünde ulanylýan zaňňar sözüniň hem özboluşly döreýiş taryhy bar. Görüp otursak, bu söz konkret, anyk obýektiň ady bolup, soň janly gepleşikde sypat formasyna eýe bolupdyr. Netijede zaňňar näme?
Geçmişde çopanlar ýala gelen ganjygy çola ýerde daňyp goýup, möjek bilen çaknyşdyrar ekenler. Bu çaknyşykdan doglan güjüge zaňňar diýilýän eken. Ýagny, enesi ganjyk, atasy möjek. Zaňňar adatdan daşary çeýe, güýçli, ýyndam, batyr, sak bolýar. Zaňňarda sürini goraýan köpegiň iň oňat häsiýetleri jemlenendir.
Kakamyrat ATAÝEW. Halk döredijiligi we rowaýatlar